PDF-XChange Editor Click to BUY NOW! www.tracker-software.com

# STANDART, hil we howpsuzlyk

TDS

Esaslandyryjysy — «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy

№3
2023

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE




PDF-XChange Editor Click to BUY NOW! www.tracker-software.com

PDF-XChange Editor
Click to BUY NOW!
www.tracker-software.com



# HABARLAR AGENTLIKLERINIŇ HALKARA STANDARTLARY:

## Türkmenistanyň döwlet habarlar agentligi

Habar agentligi köpçülikleýin habar beriş serişdelerine (KHBS) hyzmat edýän ýöriteleşdirilen maglumat edarasydyr. Onuň esasy wezipesi gazet-žurnallaryň redaksiýalaryny, radiotelewideniýäni, şeýle hem önümlerine abuna bolan beýleki guramalary, şahsyýetleri syýasy, ykdysady, medeni, jemgyýetçilik maglumatlar bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Agentligiň işi habar ýygnamaga gönükdirilendir. Habar agentlikleri habar gulluklaryndan göwrüm we mümkinçilik taýdan tapawutlanyp, olar maglumat toplamak, ýazmak, ýaýratmak işinde dünýäde kabul edilen halkara standartlara laýyklykda esaslandyrylýar. Aslynda, Habar agentlikleriniň baryp 150 ýyla golaý taryhy bolmak bilen, olar KHBS-lerde ýaýradylýan gyzgyn habarlaryň ygtybarly we ynamdar bolmagy üçin döredilýär. 1830-njy ýyllarda elektrik telegrafyň peýda bolmagy gazet neşirçilerine habarlary has çalt ýygnamaga, ibermäge we ýaýratmaga mümkinçilik berýär. Şondan soň 1835-nji ýylda Çarlz-Lui Gawas tarapyndan Parižde döredilen «Gawas» habar gullugy dünýädäki ilkinji habar gullugy hasaplanylýar. Häzirki wagtda Frans Press (AFP) (Fransiýa), Associated Press (ABŞ), Reuters (Рейтер) (Beýik Britaniýa), TASS (Russiýa), Sinhua (Hytaý) ýaly dünýäde meşhur habar agentlikleri hereket edýär.

Türkmenistan Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň, ýurtda milli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň (KHBS), hususanda, häzirkizaman türkmen KHBS-lerini habarlar bilen üpjün edýän ýurdumyzyň ýeke-täk habarlar gullugy — Türkmenistanyň döwlet habarlar agentliginiň (TDH) işine aýratyn üns berilýär. Bu agentlik her gün ýurdumyzyň milli we daşary ýurtly halkara KHBS-lerini türkmen, rus, iňlis dillerinde

> Habar agentlikleri habar gulluklaryndan göwrüm we mümkinçilik taýdan tapawutlanyp, olar maglumat toplamak, ýazmak, ýaýratmak işinde dünýäde kabul edilen halkara standartlara laýyklykda esaslandyrylýar.

döwletiň jemgyýetçilik-syýasy, jemgyýetçilik-ykdysady, medeni, sport durmuşyndaky wakalar baradaky maglumatlar we habarlar bilen üpjün edýär.

Türkmenistanyň döwlet habarlar agentligi 1924-nji ýylda Türkmenistanyň Telegraf gullugy ady bilen döredilýär. 1925-nji ýylyň 12-nji dekabrynda «TürkmenTAG» ady bilen SSSR-iň meşhur habarlar gullugy bolan Sowet Soýuzynyň Telegraf Agentliginiň (TASS) düzümine birikdirilýär.

Taryhy maglumatlarda bellenilişi ýaly, XX asyryň başlarynda dünýä ýurtlarynda ýagdaýlar çylşyrymlaşyp, I jahan urşunyň başlanmagynyň netijesinde, dünýä halklaryny daşary ýurt habarlary bilen üpjün etmek zerurlygy döreýär. Şeýlelik bilen, dünýäniň iri ýurtlarynda hereket edýän habarlar agentlikleriniň şahamçalarynyň döredilmegi wajyplaşýar. Şol döwürde TASS-yň — Sowet Soýuzynyň Telegraf Agentliginiň düzüminde hem SSSR-e girýän ýurtlarda «KazTAG», «Azerinform», «KirTAG», «Armenpress», «Latinform», «TadžikTA», «UzTAG», «BelTA», «TurkmenTAG» ýaly ýörite döwlet habarlar gulluklary döredilýär.

Türkmenistanyň döwlet habarlar agentligi (TDH) döredilen gününden bäri, ýurdumyzyň habar beriş serişdelerini resmi materiallar, dürli temadaky habarlar, fotosuratlar bilen üpjün etmekde uly hyzmaty bitirýär. TDH XX asyryň başlarynda, aýratyn-da, 1941 — 1945-nji ýyllarda jemgyýeti gyzgyn habarlar bilen üpjün etmekde aýratyn orun eýeleýär. Urşuň ilkinji günlerinde SSSR-iň MK-nyň Karary esasynda «Окна ТАСС» («TASS-yň penjireleri») ady bilen ýörite diwar gazetleri (plakatlar) çykarylýar. Onuň ilkinji sany 1941-nji ýylyň 27-nji iýunynda Moskwanyň köçelerinde asylýar. Üç ýarym ýylyň dowamynda derwaýys meseleleri täsirli suratlar hem ýiti sözler bilen wagtynda şekillendirip, halka ýetirmekde «TASS-yň penjireleriniň» aýratyn ähmiýeti bolupdyr. Şol şygarlary terjime edip, türkmen hem rus dillerinde türkmen okyjylaryna ýaýmakda TDH hem uly işleri alyp barýar. Bu barada žurnalist H.Goçmyradow: «Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Türkmenistan telegraf agentliginiň — TurkmenTAG-yň «TASS oknolaryny» çap edip çykarmagy-da uly ähmiýete eýedir. Bu iş Türkmenistan Halk Komissarlar Sowetiniň 1941-nji ýylyň 12-nji noýabryndaky karary esasynda guralyp başlanypdyr we tä uruş gutarýança dowam edipdir» [1. 93 s.] diýip belleýär.

Taryhyň dürli döwürlerinde TDH Türkmenistan Telegraf agentligi — «TürkmenTAG» (1925 ý.), «Türkmeninform» (1972 ý.), «Türkmen-press» (1992 ý.), Türkmen döwlet habarlar gullugy (2000 ý.), Türkmenistanyň döwlet habarlar agentligi (2014 ý.) diýlip atlandyrylýar. Türkmenistanyň döwlet habarlar agentliginiň düzüminde häzirki wagtda halkara maglumat we metbugat departamenti, içeri we daşary ýurt habarlary, «Türkmenistan: hepdäniň wakalary» habarlary, sanly tehnologiýalar we maglumat howpsuzlygy, terjimeler, web-portal habarlary, wideohabarlar, fotohabarlar, kompýuter, elektrik aragatnaşygy, buhgalter hasabaty, meýilnamalar we ykdysadyýet, iş dolandyryş ýaly bölümler hereket edýär.

TDH häzirki wagtda ýurdumyzda ykdysady, durmuş-syýasy we medeni ugurlarda amala aşyrylýan düýpli özgertmeleri gyzgyny bilen beýan etmekde uly meşhurlyga eýe. Agentligiň işini kämilleşdirmek maksady bilen, 2012-nji ýylda TDH-nyň «Turkmendovlethabarlary» http://tdh.gov.tm web sahypasy döredilýär. 2013-nji ýylyň noýabr aýynda bolsa türkmen telewideniýesiniň akymyny görkezýän täzelenen web sahypasy açylýar. Bu taslama «Türkmenaragatnaşyk» agentligi bilen bilelikde taýýarlanylyp, ýurdumyzda ilkinji web sahypa hasaplanylýar. Bu web sahypa öz ulanyjylaryna dünýäniň islendik künjeginde türkmen teleýaýlymlaryny onlaýn görmäge mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda «Türkmenistanyň döwlet habarlar agentligi — Türkmenistan bu gün» («Государственное информационное агентство Туркменистана — Туркменистан сегодня», «The state news agency of Turkmenistan —

PDF-XChange Editor
Click to BUY NOW!
www.tracker-software.com



PDF-XChange Editor
Click to BUY NOW!
www.tracker-software.com

Turkmenistan today») [3] ady bilen ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy, jemgyýetçilik-ykdysady, medeni, sport durmuşyndaky habarlary türkmen, rus, iňlis dillerinde hödürleýär. Mundan başga-da, Türkmenistanyň döwlet habarlar agentliginiň «Türkmenistan: Altyn asyr» («Туркменистан: золотой век», «Turkmenistan: golden age») [4] atly 3 dilli elektron gazeti hem bar. Bu elektron gazet internet arkaly «Baş sahypa», «Bölümler», «Teswirlemeler», «Kanunlar» we ýylyň şygary bilen bagly sahypalar esasynda alnyp barylýar.

Şeýle-de Türkmenistanyň döwlet habarlar agentligi tarapyndan 1994-nji ýylyň fewral aýyndan bäri türkmen, rus we iňlis dillerinde «Türkmenistan: hepdäniň wakalary» atly hepdelik habarlar žurnaly çap edilýär. Onuň sahypalarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň we ýurduň hökümetiniň işi bilen baglanyşykly resmi habarlar, Permanlar we Kararlar, şeýle hem ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda bolup geçýän täzelikler hem-de hepdäniň esasy wakalary beýan edilýär. «Türkmenistan: hepdäniň wakalarynyň» habarlary — ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň, welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň häkimleri, arçynlar, ykdysadyýetiň döwlet we hususy pudaklarynyň ýolbaşçylary üçin maglumatlaryň ygtybarly çeşmesidir [2].




Ýurtda milli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň dünýä maglumatlar giňişligine goşulmagynyň çäklerinde ikitaraplaýyn görnüşde hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Halkara we milli habarlar agentlikleri, iri neşirler, daşary ýurtlaryň döredijilik hem-de jemgyýetçilik guramalary bilen habarlary alyşmakdaky hyzmatdaşlygy ösdürmek Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentliginiň işiniň wajyp bölegidir.

«Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda TDH bilen dünýädäki öňdebaryjy döwletleriň habarlar agentlikleriniň arasynda habarlary alyşmak babatynda resminamalar esasynda işler ýöredilýär. Häzirki wagtda TDH bilen «Kazinform» Halkara habarlar agentligi» jogapkärçiligi çäklendirilen birleşiginiň, «ТВ-Новости» Awtonom täjirçilik bolmadyk guramasynyň («Russia Today» (RTTV) teleýaýlymy), Hytaý Halk Respublikasynyň «China Daily Multimedia Co., Ltd.» korporasiýasynyň we «CCTV News Content Co., Ltd.» jogapkärçiligi çäklendirilen kompaniýasynyň, «Belarus telegraf agentligi» Respublikan unitar kärhanasynyň, «Russiýanyň habarlar telegraf agentligi (ITAR-TASS)» Federal döwlet unitar kärhanasynyň, Aziýanyň halkara habarlar agentliginiň (ANI) arasynda täzelikleri alyşmak babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnamalar, «Associated Press of Pakistan» korporasiýasynyň, Özbegistanyň Milli habarlar agentliginiň, Azerbaýjan Döwlet habarlar agentliginiň (AZERTAJ), «Trend Azerbaýjan» halkara habarlar agentliginiň arasynda hyzmatdaşlyk etmek, maglumat alyşmak hakynda Ylalaşyklar hereket edýär.

Mundan başga-da, halkara teleradioýaýlymlar ulgamynda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda TDH bilen Eýran Yslam Respublikasynyň, Özbegistanyň, Belarus Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Azerbaýjanyň habarlar agentlikleriniň arasynda hem Ylalaşykdyr Ähtnamalar hereket edýär [4].

Umuman aýdanyňda, Türkmenistanyň döwlet habarlar agentligi ýurdumyzyň durmuşyna degişli syýasy, ykdysady, medeni hem-de beýleki ugurlar bilen bagly habarlaryň, täzelikleriň ilkinji, esasy we iň ygtybarly çeşmesidir.

**EDEBIÝAT**

*1. Goçmyradow H., Annagurdow M. Türkmen žurnalistikasynyň taryhy. — A, 2012 ý.*
*2. Pürjäýewa J. Türkmen žurnalistikasynyň taryhy (1991-nji ýyldan bäri). — A, 2022 ý.*
*3.https://tdh.gov.tm*
*4. https://turkmenistan.gov.tm*

***Jemile PÜRJÄÝEWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgär.***

# Ynsanperwer biraýlyk

Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer başlangyjy bilen 2015-nji ýyldan bäri her ýyl geçirilmegi ýola goýlan «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň guramaçylykly ýaýbaňlandyrylmagy indi asylly däbe, ähli halk çäresine öwrüldi.

Döwlet derejesinde geçirilýän bu biraýlyk şu günki güne çenli özüniň oňyn miwesini hem berdi. Yzygiderli geçirilýän çäreleriň netijesinde ýurdumyzda ýol hereketiniň kadalarynyň berjaý edilmezligi bilen bagly ýüze çykýan hadysalar görnetin azaldy. Ilatyň, esasan hem, ýaşlaryň ýol hereketiniň düzgünleri bilen bagly hukuk düşünjeleriniň kämilleşmegi netijesinde olaryň düzgünlere jogapkärçilikli çemeleşmegi, köçede sürüjileriň we pyýadalaryň öz borjuna düşünmegi asylly däbe öwrülen biraýlygyň beren miweleridir.

Biraýlygyň çäklerinde ýurdumyzyň ähli edara-kärhanalarynda, bilim-terbiýeçilik ojaklarynda ýörite düzülen iş meýilnamalarynda görkezilen mowzuklar esasynda okuw sapaklary, sowal-jogap barlaglary geçirildi. Olarda ýol hereketine gatnaşýan her bir adamyň şahsy jogapkärçiligi düşündirildi we berkidildi.

Geçirilen çärelerde gatnawly ýollarda hereket howpsuzlygynyň kadalary, pyýadalaryň we sürüjileriň wezipeleri hem-de borçlary barada edilen gürrüňler ýurdumyzda adam saglygy, halkymyzyň abadan durmuşy barada uly aladalaryň edilýändiginiň ýene bir subutnamasy boldy.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylymyzyň sentýabr aýynda guramaçylykly geçirilen «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň dowamynda guralýan wagyz-nesihat häsiýetli duşuşyklardyr maslahatlar, düşündiriş çäreleri, öňüni alyş işleri ýol hereketine gatnaşýan pyýadalaryň we sürüjileriň hukuk düşünjeleriniň kämilleşmegine oňyn täsir edip, ýol hereketiniň düzgünleriniň gyşarnyksyz berjaý edilmegine ýardam edýär. Munuň özi ýurdumyzda jemgyýetimiziň iň gymmatly baýlygy bolan her bir adamyň saglygy we howpsuzlygy ugrunda döwlet derejesindäki aladanyň beýanydyr.

Ýol hereketiniň kadalaryny dogry berjaý etmek her bir ýol hereketine gatnaşyjynyň möhüm borjy bolup durýar. Ýol hereketiniň howpsuzlygy öýlerimiziň we ýollarymyzyň abatlygynyň güwäsidir.

***Gülşat GURBANOWA,***
***Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreş gullugynyň saglygy goraýyş statisti, Aşgabat şäher halk maslahatynyň agzasy.***